**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2019-njy ýylyň 30-njy oktýabryndaky**
**№113 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 1-maýa goýum «Türkmenistanyň gurluşyk-gurnaw guramalarynyň we daşary ýurt kärhanalarynyň gatnaşmagyndaky gurluşygyň gidişi we desgalaryň maliýeleşdirilişi we daşary ýurtlardan enjamlaryň, tehnikanyň,abzallaryň getirilişi barada hasabat» (çärýeklik) döwlet statistik hasabat formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 1-maýa goýum formasy boýunça hasabaty hususy eýeçiligindäki kärhanalar, jemgyýetçilik birleşikleriň (edaralarynyň) eýeçiligindäki, kooperatiw birleşikleriniň eýeçiligindäki, gatyşyk birleşdirilen eýeçiligindäki, beýleki döwletleriň, olaryň kanuny hukukly we şahsy taraplarynyň eýeçiligindäki we ýerli we daşary ýurtlaryň gatnaşmagyndaky gatyşyk eýeçiligindäki kärhanalar (gurluşygyň we enjamlaryň getirilişiniň sargytçylary) ýerli statistika edarasyna we şertnama baglaşan gurluşyk-gurnaw guramalary şeýle hem, gurluşygyň gidişi we desgalaryň maliýeleşdirilişi we daşary ýurtlardan enjamlary, tehnikany, abzallary getirýän daşary ýurt kärhanalary bilen Türkmenistanyň kärhanalary we guramalary düzýärler. Hasabat formasyny görkezlen möhletde bellenilen salga tabşyrmaly.

Düýpli gurluşyk boýunça hasabatda «gurluşyk», «gurluşygyň yzygiderliligi», «işe girizilýän toplum» we « gurluşygyň obýekti» düşünjeler ulanylýar.

Gurluşygyň giňeldilmegi we durkunyň täzelenmegi däp bolşy ýaly ýeke-täk taslama - smeta resminamalary boýunça amala aşyrylýan jaýlaryň, desgalaryň toplumy **gurluşyk hasap edilýär**.

Eger kärhananyň gurluşygy, giňeldilmegi ýa-da durkunyň täzelenmegi aýratyn desgalara taslama we smeta boýunça amala aşyrmaklyga rugsat berlen bolsa, onda bir ýa-da birnäçe meýdançada ýerleşýändigine garamazdan gurulýan, giňeldilýän we durky täzelenýän, önümçilige niýetlenen desgalaryň jemi gurluşyk bolup durýar. Şeýle gurluşygyň taslama-smeta görkezijilerini meýilnama döwründe amala aşyrmaklyk göz öňünde tutulan desgalar we harajatlar boýunça görkezijileriň jemlenme ýoly bilen kesgitleýärler.

Senagat kärhanasynyň **nobatdaky gurluşygy** diýlip, kärhananyň taslama (iş taslamasy) tarapyndan kesgitlenen, önümiň çykarylşyny ýa-da hyzmatlary üpjün edýän bölümine aýdylýar; ol işe giriziljek bir ýa-da birnäçe toplumdan ybarat bolup biler.

**Işe girizilýän toplumlar diýlip**, esasy, kömekçi we hyzmat edişe niýetlenen energetiki, ulag we ammar hojalygy, aragatnaşyk, inžener kommunikasiýasy, daşky gurşawy goramak, önümiň çykyş üpjünçiliginiň abadanlaşdyrylşyny ýa-da hyzmatyny üpjün edýän, häzirki herekete girizilen toplum üçin taslamada göz öňünde tutulan (iş taslamasynda) we kadaly hereketlere laýyklykda işgärler üçin zähmetiň kadaly arassaçylyk-durmuş şertlerine niýetlenen desgalaryň jemine aýdylýar.

**Gurluşyk obýekti diýlip**, aýratyn taslamasy we smeta düzülen her-bir aýratyn duran jaýyň ýa-da binanyň gurluşygyna, durkunyň täzelenmegine ýa-da giňeldilmegine (olara degişli ähli enjamlaryna, gurallaryna we esbaplaryna, galereýalaryna, estakadalaryna, suw üpjünçiliginiň içerki inženerçilik ulgamlaryna, lagymlaryna, gaz geçirijilerine, ýylylyk geçirijilerine, elektrik üpjünçiligine, radiolaşdyryşa, howlyda gurlan kömekçi gurluşyklaryna, abadanlaşdyryşa we beýleki işlerine hem-de harajatlaryna baglylykda) aýdylýar.

Eger gurluşyk meýdançasynda taslama (iş taslamasynda) boýunça kömekçi we goldaýjy desgalaryň gurluşygyny (meselem senagatda esasy maksatly desgalaryň jaýy, ulagda - demirýol

wokzalynyň jaýy) hasaba almazdan, esasy maksatlaryň diňe bir desgasy galdyrylan bolsa, onda gurluşyk desgasy diýlen düşünje gurluşyk düşünjesi bilen gabat gelýär.

Kärhananyň gurluşygyndaky daşarky, hyzmat ediji we kömekçi binalar (suw üpjünçilik ulgamy, lagym, ýylylyk üpjünçiligi, gazlaşdyryş, energiýa üpjünçilikleri, golçur ýollar we ş. m.) gurluşygyň düzümine girýän gurluşygyň aýratyn desgalary bolup durýarlar.

Jaýda (binada) birnäçe sehler ýerleşýän bolsa bir desga diýlip hasaplanylýar.

A sütünde obýektleriň, enjamlaryň erkin belligi görkezilyär.

B sütünde daşary ýurt kärhanasynyň, ýurduň, obýektiň ady, enjamy, tehnikasy ýa-da esbaby, olaryň ýerleşýän ýeri, obýektiň we enjamyň kuwwatlylygyny ýa-da garaşylýan enjamlaryň mukdaryny, baglaşylan şertnamalar boýunça tehniki we enjam hökman görkezilýär.

## 1 Bölüm. Türkmenistanyň gurluşyk-gurnaw guramalarynyň gatnaşmagyndaky gurluşygyň gidişi we desgalaryň maliýeleşdirilmegi

1 -nji sütünde gurluşygyň başlanan we tamamlanýan ýyllary görkezilýär.

2-nji sütünde gurulýan (durky täzelenýän, abzallaşdyrylýan) desganyň taslama kuwwatlylygy görkezilýär.

3-nji sütünde gurluşyk desgalaryň şertnama (smeta) gymmaty görkezilýär.

4-nji sütünde daşary ýurt walýutasyna satyn alnan materiallaryň, enjamlaryň, abzallaryň gymmaty görkezilýär.

5-nji sütünde gurluşyk desgalaryň maliýeleşdiriş çeşmeleri (öz serişdeleriň, karz, merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň, döwlet gaznalarynyň, beýleki serişdeleriň hasabyna) görkezilýär.

6-njy sütünde gurluşygyň başlanany bäri hakyky ýerine ýetirilen işleriň möçberi görkezilýär.

7-nji sütünde hasabat ýylynyň başyndan bäri ýerine ýetirilen işleriň möçberi görkezilýär.

8-nji sütünde gurluşygyň başlanany bäri hasabat döwründe bankyň töleg tabşyrygy tarapyndan tassyklanan, sargytçynyň we potratçynyň arasynda özara hasaplaşyk delilnama esasynda hakyky ýerine ýetirlen işiň tölenen möçberi görkezilýär.

9-njy sütünde hasabat döwri boýunça ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirlen işiň tölenen möçberi görkezilýär.

10-njy sütünde hasabat döwri boýunça gurulýan desganyň ýagdaýynyň şertli belgisi ýazylýar: Blankyň ahyrynda ýagdaýyň şertli belgisi bellik görnüşinde görkezilýär.

11-nji sütünde Kärhanada döredilýän täze iş orunlarynyň sany görkezilýär.

12-nji sütünde desganyñ gurluşygynyñ taýýarlyk göterimi (derejesi) gurluşygyñ başyndan hasabat döwri aralygynda işleriñ hakyky ýerine ýetirilen, şu ýylyñ (hasabat ýylynyñ) bahalaryna gaýtadan hasaplanan möçberiniñ ylalaşylan taslama-çenlik resminamalary boýunça desganyñ doly çenlik, şu ýylyñ (hasabat ýylynyñ) bahalaryna gaýtadan hasaplanan gymmatyna gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär.

Gurluşygyň taýarlyk derejesi - işleriň ýerine ýetirilişi hakynda buýrujy tarapyndan gol çekilen we gol çekilmedik delilnamalar boýunça gurluşyk-gurnama işleriniň hakyky ýerine ýetirilen möçberidir.

Gymmatlyk görkezijiler oturdan soň bir belgä çenli takyklamak bilen müň manat ölçegde görkezilýär.

## 2 Bölüm. Daşary ýurt kärhanalaryň gatnaşmagyndaky gurluşygyň gidişi we desgalaryň maliýeleşdirilişi we daşary ýurtlardan enjamlaryň, tehnikanyň, abzallaryň getirilişi barada hasabat

1-nji sütünde gurluşygyň başlanan we tamamlanýan ýyllary we enjamlaryň getirilişi görkezilýär.

2-nji sütünde gurulýan (durky täzelenýän, abzallaşdyrylýan) desganyň taslama kuwwatlylygy görkezilýär.

3-nji sütünde gurluşyk desgalaryň şertnama (smeta) gymmaty görkezilýär.

4-nji sütünde gurluşyk desgalaryň maliýeleşdiriş çeşmeleri (öz serişdeleriň, karz, merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň, döwlet gaznalarynyň, beýleki serişdeleriň hasabyna) görkezilýär.

5-nji sütünde gurluşygyň başlanany bäri hakyky ýerine ýetirilen işleriň şeýle hem hakyky getirilen enjamlaryň, tehnikanyň, abzallaryň möçberi görkezilýär.

6-njy sütünde hasabat ýylynyň başyndan bäri hasabat döwri üçin ýerine ýetirilen işleriň şeýle hem hakyky getirilen enjamlaryň, tehnikanyň, abzallaryň möçberi görkezilýär.

7-nji sütünde gurluşygyň başlanany bäri hasabat döwründe bankyň töleg tabşyrygy tarapyndan tassyklanan, sargytçynyň we potratçynyň arasynda özara hasaplaşyk delilnama esasynda hakyky ýerine ýetirlen işiň şeýle hem hakyky getirilen enjamlaryň, tehnikanyň, abzallaryň tölenen möçberi görkezilýär.

8-nji sütünde hasabat döwri boýunça ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirlen işiň şeýle hem hakyky getirilen enjamlaryň, tehnikanyň, abzallaryň tölenen möçberi görkezilýär.

9-njy sütünde hasabat döwründe gurluşygy alnyp barylýan desgalaryň ýagdaýynyň şertli belgisi ýazylýar. Blankyň ahyrynda ýagdaýyň kody bellik görnüşinde görkezilýär:

10-njy sütünde Kärhanada döredilýän täze iş orunlarynyň sany görkezilýär.

11-nji sütünde desganyň gurluşygynyň taýýarlyk göterimi (derejesi) gurluşygyň başyndan hasabat döwri aralygynda işleriň hakyky ýerine ýetirilen, şu ýylyň (hasabat ýylynyň) bahalaryna gaýtadan hasaplanan möçberiniň ylalaşylan taslama-çenlik resminamalary boýunça desganyň doly çenlik, şu ýylyň (hasabat ýylynyň) bahalaryna gaýtadan hasaplanan gymmatyna gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär.

Hasabata girizilýän hasabat döwründe manadyň dollara deň derejeliligi baradaky maglumatlar kärhananyň balansynyň esasynda manadyň amerikan dollaryna görä Türkmenistanyň Merkezi Banky tarapyndan hasabat döwrüniň ahyryna bellenen hümmetinden ugur alyp hasaplanylýar we oturdan soň bir belgä çenli takyklamak bilen müň amerikan dollar ölçegde görkezilýär.

**Maýa goýumlaryň statistikasy we seljerişi müdirligi**